# Ussalar / gysga ýumor

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ussalar / gysga ýumor USSALAR

Turbalar hapalandy-da, wannaly otagyñ poluna suw dökülip başlady. Agneşka bilen Adam ussa çagyrdylar. Ol geldi.
– Häzirjik göräýeris. – Ussa wannanyñ aşagyna kellesini sokdy-da, suw dökülen turbany birsellem tark-turk etdi. Onsoñ turbañ suw döküän sepini kenep bilen gowy berkitdi-de: «Ine, hemmesi gül ýaly boldy» diýip, muzduny alyp gitdi.
Suw dökülmesi galdy, ýöne indi wannanyñ özi ýaýkyldaýardy. Adam onuñ aşagyna seretse, bir aýagy ýok ekeni.
– Haý, deýýus! – diýip, Adam sögündi. – Bir aýagyny goparyp alyp gidäýipdir.
Başga alaç ýok, ýene ussa çagyrdylar. Bu gezek başga bir ussa geldi. Wannanyñ aşagyna eglip-eglip seretdi. Agneşka bilen Adam onuñ ýekeje hereketinem gözden salanokdylar. Olar ussa onuñ kärdeşiniñ eden işini gürrüñ berdiler. «Haý, biynsap» diýip, ussa käýindi. Olar ussany wannaly otagyñ kemini birkemsiz düzedýänçä goýbermediler. Diñe hemme zady öz gözleri bilen görenlerinden soñ hasaplaşdylar.
Bu gezek olaryñ ahmallyga salnan ýeri aşhanada bolup çykdy.
– Ol radiatory goparyp gidipdir-ä, Adam dyzyny ýumruklady.
Ýene-de ussa çagyrdylar. Bu gezegem başga bir ussa geldi. Agneşka onuñ ýanyndan ýekeje ädimem aýrylmady. Adam bolsa, öýüñ içine aýlanyp, zatlaryñ ýerbe-ýerdigine esewan boldy. Öz boluşlary geñ görünmez ýaly, Adam onuñ kärdeşleriniñ eden işlerini ussa gürrüñ berdi.
– Etjek zadyñ ýok – diýip, ussa oña duýgudaşlyk bildirdi.
Ussa aşhana täze radiator goýup, hoşlaşyp gitdi.
Adam hemme zadyñ ýerbe-ýerligine göz ýetirmek üçin wannaly otaga, aşhana, beýleki iki otaga, dälize aýlanyp çykdy.
– Hudaýa şükür! – diýip, ol begenjinden ýyrş-ýyrş etdi. – Hiç zat ýitmändir. Agneşka! Eşidýäñmi? Hemme zat ýerbe-ýer! Agneşka, näme jogap bereñok? Nirde sen? Agneşka!..

Dariuş BITNER,
(Polşa).

«Edebiýat we sungat» gazeti, dekabr 1986 ý. Satiriki hekaýalar